# TASLAMA RESMINAMASY
## *TÜRKMENISTAN*

**Taslamanyň ady:** Türkmenistanyň söwda mümkinçiliklerini pugtalandyrmak, Tapgyr II
**Taslamanyň belgisi:**
**Ýerine ýetiriji hyzmatdaş:** Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi
**Başlanýan senesi:** 01.03.2023ý. **Tamamlanýan senesi:** 31.12.2023ý.
**Taslamalara baha beriş komitetiniň ýygnagynyň geçirilýän senesi:**

| **Taslamanyň gysgaça beýany** |
|---|
| *BMGÖM bilen Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň arasyndaky bu taslamanyň maksady, sanly mümkinçilikleri giňeltmek arkaly Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň institusional kuwwatyny pugtalandyrmakdyr.*<br>*Şunuň bilen baglylykda, taslamanyň eksport-import amallarynyň seljeriş platformasy üçin programma üpjünçiligini we enjamlaryny işläp taýýarlamaga we satyn almaga ýardam etmek boýunça çäreleri öz içine alýan "Ministrligiň institusional kuwwaty sanlylaşdyrmak prosesleri arkaly güýçlendirildi" komponenti kesgitlenildi.* |

| |
|---|
| **BMG-TKM DÖÇM 2021-2025 ý.ý. boýunça garaşylýan 2-nji Netije:**<br><br>2025-nji ýyla çenli bäsdeşlige ukyply hususy we maliýe pudaklaryny ösdürmek, söwdany ýeň |

<table>
<tr><td>Talap edilýän maliýe serişdeleriniň umumy möçberi:</td><td colspan="2">164,486.00 ABŞ-nyň dollary</td></tr>
<tr><td rowspan="2">Bölünip berlen maliýe serişdeleriniň umumy möçberi:</td><td>BMGÖM-niň goşandy:</td><td></td></tr>
<tr><td>Türkmenistanyň hökümeti:</td><td>164,486.00 ABŞ-nyň dollary</td></tr>
</table>

| | | | |
|---|---|---|---|
| illeşdirmek, maýa<br>goýumlaryny çek<br>mek, şeýle hem täz<br>e we sanly tehnolo<br>giýalary ornaşdyr<br>mak arkaly durnuk<br>ly we öz içine alyj<br>y ykdysady diwers<br>ifikasiýa üçin şertl<br>er gowulandyryldy<br><br>DSP 2.1-nyň (Ýurt<br>maksatnamasy boý<br>unça resminama) n<br>etijesi: Döwlet eda<br>ralary we hususy p<br>udak, iş orunlaryn<br>y (şol sanda zenanl<br>ar we ejiz toparlar<br>üçin) döretmäge a<br>ýratyn üns bermek<br>bilen, diwersifikas<br>iýa, sanlylaşdyrma<br>k we söwdany ýeň<br>illeşdirmek maksat<br>namalaryny durmu<br>şa geçirmek üçin k<br>adalaşdyryjy, instit<br>usional we işgär m<br>ümkinçiliklerini g<br>üýçlendirdi.<br>Gender<br>görkezijisi: GEN 1 | | | |

Ylalaşyldy (gollar):

| **Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi** | **BMG-niň Ösüş Maksatnamasy** |
|---|---|
| Begenç Goçmollaýew<br>Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministri | Narine Saakýan<br>BMGÖM-niň Türkmenistandaky Hemişelik wekili |
| **Sene:** 27.02.2023ý | **Sene:** 27.02.2023 |

# I. ÝAGDAÝYŇ BEÝANY

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi bilen bilelikde 2019-2022-nji ýyllarda "Türkmenistanyň söwda mümkinçiliklerini güýçlendirmek" taslamasyny durmuşa geçirdi. Bu maksatnama milli işgärleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ynsanyň aň-bilimini ykdysady ösüşiň we milli bäsdeşlik ukybynyň esasy faktoryna öwürmek, eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak we onuň düzümindäki ýokary goşmaça bahaly önümleriň paýyny artdyrmak, ýurduň ykdysadyýetindäki importyň paýyny azaltmak maksady bilen, adam maýasyny ösdürmek arkaly ýurduň söwda mümkinçiliklerini ösdürmäge gönükdirilendir. Taslama aşakdaky komponentleri öz içine aldy: 1) institusional we işgärler taýdan söwda mümkinçiliklerini pugtalandyrmak; 2) söwda syýasatynyň çärelerini işläp düzmek we durmuşa geçirmek boýunça mümkinçilikleri artdyrmak; 3) ylmy-amaly gözlegleriň mümkinçiliklerini berkitmek we bilimiň hilini ýokarlandyrmak.

Taslamanyň çäklerinde ýurduň söwda pudagynyň ministrlikleriniň we edaralarynyň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça zerurlyklaryny anykalýyş geçirildi we aşakdaky ýaly mowzuklarda adam we institusional kuwwatyny ýokarlandyrmak boýunça birnäçe çäreler geçirildi:

- söwda syýasatyny emele getirmek;
- içerki we daşarky satuwlary gowulandyrmak üçin häzirki zaman tehnologiýalaryndan peýdalanmak we elektron marketing tehnologiýalaryny ulanmak;
- bazary we sarp edijiniň özüni alyp barşyny seljermek, harytlary ýerlemek işini guramak üçin ösen maglumat we marketing tehnologiýalaryndan peýdalanmak, söwdada we täjirçilikde öňde baryjy tehnologiýalary ulanmak (elektron söwda);
- daşary söwda syýasatyny işläp taýýarlamak we ýurdy BSG-niň agzalygyna kabul edilmegine taýýarlamak prosesleri;
- söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmak we haryt dolanyşygynyň tutuş ulgamy boýunça milli eksporty goldamagyň toplumlaýyn ulgamyny ornaşdyrmak boýunça teklipleri işläp düzmek;
- söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmak we söwda amallaryny ýeňilleşdirmek, şol sanda "bir penjire" konsepsiýasyny durmuşa geçirmek, sanly ulag geçelgelerini döretmek, ýurt tarapyndan halkara ölçegleriniň we maslahatlaryň berjaý edilmegi eýermegi;
- döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň mehanizmini durmuşa geçirmegiň netijesinde söwda pudagynda alnyp barylýan ylmy-gözleg we innowasiýa işlerini kämilleşdirmek, şeýle hem;
- gepleşikleri alyp barmagyň sungaty, halkara söwda pudagynda dawa-jenjeller we aýry-aýry ýurtlaryň / sebitleriň halkara söwdasynda bähbitleri, söwda gurallary we töwekgelçilikleri dolandyrmak, söwdada ylymy barlaglary we

seljermeleri geçirmek başarnyklary, harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasyny kadalaşdyrmagyň gurallary ýaly söwda syýasatynyň endiklerini ösdürmek.

Mundan başga-da, taslamanyň çäklerinde seljermeler geçirildi, teklipler işlenip düzüldi we şu aşakda sanalyp geçilenleri kämilleşdirmek barada öňdebaryjy dünýä tejribesine esaslanyp teklipler hödürlendi:

- ikitaraplaýyn, sebitleýin we köptaraplaýyn esasda söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada halkara şertnamalary baglaşmagyň tejribesi;
- Türkmenistanda söwda nyşanlaryny bellige almagyň prosesi;
- daşary ýurtlarda ýerleşýän söwda öýleriniň işi;
- söwda ulgamynyň döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň mehanizmini durmuşa geçirmegiň hasabyna döredilen ylmy-innowasion düzüm bölegi.

Şeýle-de, milli hyzmatdaşlaryň ylmy-gözleg mümkinçiliklerini kämilleşdirmek maksady bilen, Bern şäheriniň Dünýä Söwda Instituty (Şweýsariýa) we "Russiýa Federasiýasynyň Ykdysadyýetiň ýokary okuw jaýy" Milli barlag uniwersiteti bilen tanyşdyryş ýygnaklarynyň geçirilmegine goldaw berildi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi bilen taslamany tamamlamak bilen, Taslama Geňeşiniň jemleýji mejlisinde, BSG-niň agzasy bolmak meselelerinde ýurduň işjeň ösüşini we Hökümet tarapyndan iş ýüzünde netijeler garaşylýan bu ministrligiň esasy döwlet edaralarynyň biri hökmünde görkezilmegini göz öňünde tutup, indiki tapgyryny işläp taýýarlamak bilen taslamany dowam etdirmek kararyna gelindi.

Hususan-da, 2019-njy ýylda Türkmenistanyň hökümeti 2020-2025-nji ýyllar üçin Daşary ykdysady işini ösdürmegiň maksatnamasyny şu maksatlar bilen kabul etdi: daşary ykdysady işini düzgünleşdirýän kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirmek; ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek üçin zerur bolan hukuk, dolandyryş, maliýe gurşawyny döretmek we mundan beýläk hem kämilleşdirmek; daşary ýurtlar, halkara guramalar, şol sanda halkara maliýe-karz guramalary bilen özara peýdaly gatnaşyklary işjeňleşdirmek; diwersifikasiýa arkaly daşary ykdysady aragatnaşyklary ösdürmek.

2020-nji ýylyň iýulynda Türkmenistana BSG-niň synçysy derejesi berildi, bu bolsa daşary söwdany mundan beýläk-de ösdürmek we dünýä söwda ulgamyna ornaşdyrmak üçin bu ugurdaky işleri işjeňleşdirmek mümkinçiligini berdi.

2021-nji ýylyň fewralynda Türkmenistan 2021-2030-njy ýyllar üçin Daşary söwda strategiýasyny kabul etdi, ol serişdeleri we ýurduň içerki ykdysady mümkinçiliklerini netijeli ulanmagyň, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň, bazar gurallarynyň esasynda içerki we daşary ykdysady gatnaşyklary özgertmegiň we liberallaşdyrmagyň, BSG ylalaşyklaryna we halkara öňdebaryjy tejribesine laýyklykda halkara söwda we innowasiýa ýörelgelerini toplumlaýyn durmuşa geçirmegiň hasabyna Türkmenistanyň daşary ykdysady işjeňligini ösdürmäge we kämilleşdirmäge gönükdirilendir. 2021-

2030-njy ýyllar üçin Daşary söwda strategiýasy iki tapgyrda amala aşyrylar: birinjisi 2021-2025-nji ýyllarda, ikinjisi 2026-2030-njy ýyllarda. Ýurduň BSG-ä goşulmagy boýunça ähli taýýarlyk işleriniň birinji tapgyrynda 2021-2025-nji ýyllarda ýerine ýetirilmegine garaşylýar.

2021-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistan BSG-niň agzalygyna kabul edilmegi barada resmi suratda ýüz tutdy we 2022-nji ýylyň 23-nji fewralynda BSG-niň Baş geňeşiniň ýygnagynda Türkmenistana goşulyşýan ýurt derejesi berildi. Hökümet Türkmenistanyň 2021-2030-njy ýyllar üçin Daşary söwda strategiýasyny durmuşa geçirmek maksady bilen 2021-nji ýyl üçin Guramaçylyk ýol kartasyny işläp düzdi.

BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi bilen hyzmatdaşlygynyň öňyn tejribesi, şeýle hem söwda syýasatyny kämilleşdirmek meseleleri boýunça ýurduň işjeňliginiň artmagy göz öňünde tutulyp, taslamanyň ikinji tapgyry eksport-import amallary üçin seljeriş platformasyny kämilleşdirmek üçin, Ministrligiň sanly mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdiriler.

---

## II. STRATEGIÝA

BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň Ministrligiň söwda mümkinçiliklerini artdyrmak üçin çäreleri işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça ýardam etmegiň strategiýasy aşakdaky komponentden ybaratdyr:

**Komponent 1: Sanlylaşdyrma amallary arkaly institusional mümkinçilikleri güýçlendirmek** şulary öz içine alýar:

1.1. Söwda we daşary ykdysady işjeňlik baradaky habarlary we maglumatlary seljermek prosesine syny geçirmek, şeýle hem eksport-import amallary üçin sanly seljeriş platformasyny döretmek we ornaşdyrmak.

1.2. Sanlylaşdyrmak prosesiniň netijeliligi üçin, ministrligiň enjamlar bilen üpjünlik zerurlygyny anyklaýyş işini, şol sanda Ministrligiň işgärleriniň başarjaňlyklaryny artdyrmak üçin mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen uzak aralykdan okatmak çärelerini geçirmek boýunça zerurlyklarynyň anyklaýyş işini geçirmek.

Bu taslama, 2022-2052-nji ýyllar üçin Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň uzak möhletli Milli maksatnamasynda görkezilen maksatlara we wezipelere laýyk gelýär. Şeýle-de bu taslama, Türkmenistanyň we BMG-niň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly Maksatnamasynyň we Türkmenistan bilen BMGÖM-niň arasyndaky 2021-2025-nji

ýyllar üçin Hyzmatdaşlygyň ýurt maksatnamasynyň resminamasynyň netijelerini durmuşa geçirmäge kömek eder. Taslama Durnukly ösüş ugrunda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin global Gün tertibiniň we 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan tarapyndan millileşdirilen Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) ýetmäge ýardam eder. Hususan aýdylanda, bular DÖM 8 (ykdysadyýet), DÖM 9 (innowasiýa/infrastruktura), DÖM 10 (deňlik) we DÖM 17 (hyzmatdaşlyk).

Şol bir wagtyň özünde, taslamanyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyny, Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyny, Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyny, şeýle hem Türkmenistanyň 2021-2030-njy ýyllar üçin Daşary söwda strategiýasyny durmuşa geçirmekde öz goşandyny goşar.

## III. NETIJELER WE HYZMATDAŞLYK GATNAŞYKLARY

### *Garaşylýan netijeler*

Taslamanyň maksady – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň ýurduň söwda syýasatyny emele getirmek boýunça institusional kuwwatyny ýokarlandyrmak.

Taslamanyň çäklerinde, sanly mümkinçilikleri giňeltmek arkaly, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň institusional kuwwatyny güýçlendirmek işine goşant goşjak aşakdaky netijelere ýetilmegine garaşylýar.

**Netije 1: Ministrligiň institusional mümkinçiligi sanlylaşdyrma amallary arkaly berkidildi.** Bu netijäniň esasynda Ministrligiň bar bolan elektron platformalarynyň gözden geçirilmegine garaşylýar, olaryň üsti bilen söwda we daşary ykdysady amallar barada maglumatlar ýygnalýar, işlenilýär we seljerilýär. Gözden geçirişiň netijesi boýunça maglumatlary ýygnamak, işlemek we seljermek üçin bar bolan platformalaryň üstüniň ýetirilmegine ýa-da täzesiniň döredilmegine we ornaşdyrylmagyna garaşylýar. Mundan başga-da, bu sanly platformany "Eksport-import amallary üçin bir penjire" ulgamy bilen sinhronlaşdyrmak meýilleşdirilýär. Şeýle hem, sanlylaşdyrmak we uzak aralykdan okatmak prosesleriniň netijeliligini gazanmak üçin, Ministrligiň enjamlar taýdan üpjünçilik ýagdaýynyň anyklanmagyna garaşylýar, munuň özi işgärleriň başarjaňlyklaryny artdyrmak boýunça mümkinçilikleri ep-esli giňeltmäge kömek eder.

### *Garaşylýan netijelere ýetmek üçin zerur bolan serişdeler*

Ýokardaky netijelere ýetmek maksady bilen, taslama ýokary hünärli bilermenleriň gatnaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Taslama ýerli maslahatçylar hem gatnaşdyrylar. Bu maslahatçylaryň iş tejribesi we Türkmenistanyň milli içerki we daşarky söwda ulgamy, şeýle hem sanlylaşdyrma amallary, şol sanda kadalaşdyryjy-hukuk we institusional binýady barada oňat derejede bilimleri bolmaly.

*Hyzmatdaşlyklar*

Taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda BMGÖM we Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi Daşary işler ministrliginiň, Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň wekilleri bilen ýakyndan işleşer.

***Töwekgelçilikler we çaklamalar***

***Garaşylýanlar:***

- Taslamany durmuşa geçirmekde Türkmenistanyň Söwda we Daşary Ykdysady gatnaşyklar ministrliginiň we beýleki gatnaşýan ministrlikleriň we pudak edaralaryň meýilliligi.
- BMGÖM işgärleriniň, şol sanda taslamanyň ýolbaşçysy we kömekçisiniň netijeliligi we ussatlygy.
- Degişli enjamlary, MAT (maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary) infrastrukturasyny we programma üpjünçiligini öz wagtynda satyn almak.
- Taslama durmuşa geçirilende ähli Taraplaryň netijeli utgaşdyrylmagy.

***Töwekgelçilikler:***

Şu Taslamanyň maksatlaryny gazanmaga täsir edip biljek töwekgelçilikleriň arasynda aşakdakylar has ähmiýetlileri bolup durýarlar:

- Milli hyzmatdaşlaryň Taslamadan gelip çykýan esasy administratiw ýa-da amaly maslahatlar boýunça degişli hereketlere girişmäge ukypsyzlygy.
- Zerur MAT enjamlaryny, programma üpjünçiligini we hyzmatlary satyn almakdaky gijikmeler, ýa-da iň az tehniki talaplara laýyk gelmeýän MAT enjamlarynyň we programma üpjünçiliginiň satyn alynmagy.

***Sanly çözgütler***

Taslamanyň çäklerinde Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň seljeriş mümkinçiliklerini kämilleşdirmek üçin sanly çözgütleriň ornaşdyrylmagy meýilleşdirilýär.

***Bilimleri dolandyrmak***

Taslamanyň işleriniň netijesinde Taslamadan peýdalanyjylar (benefisiarlar) tarapyndan alnan bilimler we tejribe ýurduň söwda syýasatyny ösdürmek boýunça hereket ediş meýilnamalaryna öwrüler.

*Durnukly ösüş we gerimi giňeldiş*

Daşarky goldaw bes edilenden soň taslamanyň netijeleriniň durnuklylygy, taslamanyň mazmuny, hyzmatdaşlyk we durmuşa geçirilen taslama çäreleri göz öňünde tutulyp, käbir ugurlarda taslama çäreleriniň netijelerini ornaşdyrmak boýunça şu bilelikdäki çäreler arkaly üpjün edilýär:

- Taslamanyň netijelerini Ministrligiň işleýşiniň işewürlik proseslerinde görkezmek;
- Ministrligiň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça ýardam bermegi dowam etdirmek.

---

## IV. TASLAMANY DOLANDYRMAK

*Harajatlaryň täsirliligi we netije berijiligi*

Taslamanyň täsirliligini we netije berijilgini üpjün etmek maksady bilen, çemeleşmeleriň birnäçesi ulanyldy, hususan-da:

- Umuman taslamanyň, şeýle hem onuň aýratyn komponentleriniň logikasy, netijä gönükdirilen dolandyryşyň ýörelgeleriniň esasynda gurlandyr. Taslamanyň durmuşa geçirilişini dolandyrmagyň mehanizmleri, şol sanda serişdeler bilen üpjün etmek, monitoring we baha bermek, taslamanyň ähli derejelerinde garaşylýan netijeleri bilen ylalaşylan we ýeke-täk bitewi gurluşy düzýärler;
- Taslamanyň esasy netijeleri – sanlylaşdyrmak prosesleri arkaly Ministrligiň institusional mümkinçiligini berkitmek;
- Taslamanyň önümleri diňe bir taslama çäreleriniň ulgamynyň bir bölegi bolman, eýsem söwdany ösdürmek ugrunda mundan beýläk hem ulanmak üçin zerur bolar. Taslama işleri degişli döwlet maksatnamalary we taslamanyň durmuşa geçirilýän döwründe amala aşyrylýan milli ösüş strategiýalary we olaryň netijeleri bilen sinhronizirlener.

*Taslamany dolandyrmak*

Taslamanyň dolandyrylyşy Aşgabat şäherinde ýerleşýän taslama ofisiniň işgärleri tarapyndan amala aşyrylar.

Taslamany dolandyrmagyň ulgamy 3 derejeden ybarat:

1. Strategik dolandyryş;
2. Dessin dolandyryş we utgaşdyrma;

3. Monitoring we baha beriş ulgamy (Taslama resminamasynyň VI bölümi).

Taslama, BMGÖM-niň düzgünlerine we amallaryna laýyklykda BMGÖM-niň ýurt edarasynyň goldawy bilen milli ýerine ýetiriş modallygynda durmuşa geçiriler.

Bu taslamada, taslamanyň ýerine ýetirilişine operatiw gözegçiligi we taslamanyň beýleki şuňa meňzeş başlangyçlar we taslamalar bilen arabaglanyşyklaryny üpjün etmekligi taslama toparyndan başga-da, BMGÖM-iň ýurt edarasynyň maksatnama işgärleri tarapyndan amala aşyrylar: Maksatnama müdiriýetiniň ýolbaşçysy we Dolandyryş, ykdysady diwersifikasiýa we öz içine alyjy ösüş boýunça Maksatnama seljerjisi.
Maksatnama işgärleriniň hyzmatlaryndan başga-da, BMGÖM-niň ýurt edarasy administratiw hyzmatlary hem ýerine ýetirer.

BMGÖM Türkmenistan Taslamanyň umumy büjetine gözegçiligi we dolandyryşy amala aşyrar, şeýle hem taslamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we donora öz wagtynda hasabat bermek üçin jogapkär bolar. Mundan başga-da, BMGÖM ýurtda hereket edýän beýleki başlangyçlar we guramalar bilen utgaşyklylygy we ulgamlaýyn arabaglanyşygy goldar.

## V. NETIJELERIŇ GURLUŞY

| |
|---|
| **Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasynyň (DÖHÇM) kesgitlenmeginde garaşylýan netije:**<br><br>**Netije 2**: 2025-nji ýyla çenli bäsdeşlige ukyply hususy we maliýe pudaklaryny ösdürmek, söwdany ýeňilleşdirmek, maýa goýumlary ny çekmek we innowasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmak arkaly durnukly we öz içine alyjy ykdysady diwersifikasiýa üçin şertler g owulandyryldy |
| **Netijeleriň görkezijileri, 2021-2025-nji ýyllar üçin Ýurt maksatnamasynyň resminamasynda görkezilişi ýaly, Netijeleriň düzümi, şol sanda esasy görkeziji we maksatly görkezijiler:**<br>**Aralyk netije 2.1**: Döwlet edaralary we hususy pudak iş orunlaryny (şol sanda zenanlar we ejiz toparlar üçin) döretmäge aýratyn ün s bermek bilen, diwersifikasiýa, sanlylaşdyrmak we söwdany ýeňilleşdirmek maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin kadalaşdyry jy, institusional we işgär mümkinçiliklerini güýçlendirdiler.<br>Görkeziji 2.1.1: Söwda ugrunda mümkinçilikleri artdyrmak, maýa goýumlary üçin amatly şertleri döretmek we işewürlik gurşaw yny kämilleşdirmek üçin işlenip düzülen syýasat çäreleriniň, düzgünleşdiriji namalaryň we mehanizmleriň sany<br>Başdaky görkeziji 1<br>Maksatly görkeziji: Iň az 5 (2025)<br>Maglumatlaryň çeşmesi: Taslamalaryň ýerine ýetirilişi barada hasabatlar. milli hyzmatdaşlaryň hasabatlary |
| **BMGÖM-niň strategik meýilnamasyndan ulanyp boljak dogrudan-dogry netije:** Durnukly ösüş maksatlary üçin gurluş taýdan özgerişleri çaltlandyrmak |
| **Taslamanyň ady we belgisi:** "Türkmenistanyň söwda mümkinçiliklerini pugtalandyrmak, Tapgyr 2", # 00143937 |

| **Garaşylýan netijeler** | **Netijäniň görkezijileri** | **Maglumatlaryň çeşmesi** | **Başdaky görkezijiler** | | Maksatly görkezijilerler | **Maglumatlary ýygnamagyň usullary we töwekgelçilikler** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **Başdaky görkezijiler** | **Ýyl** | **1 Ýyl** | |
| ***Netije 1:* *Ministrligiň institusional mümkinçilikleri sanlylaşdyrmak amallary arkaly berkidildi.*** | ***1.1 Söwda we daşary ykdysady işi baradaky habarlary we maglumatlary seljermek prosesine syn geçirildi, şeýle hem eksport-import amallary üçin sanly seljeriş platformasy döredildi we ornaşdyryldy.*** | Taslamany durmuşa geçirmegiň gidişi barada hasabat | ýok | 2022 | hawa | Taslamanyň öňe gidişi barada hasabat |
| | ***1.2 Sanlylaşdyrmak prosesiniň netijeliligini gazanmak üçin ministrligiň enjamlar bilen üpjünlik zerurlygyny anyklama işi, şol sanda Ministrligiň işgärleriniň başarjaňlyklaryny artdyrmak üçin mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen uzak aralykdan okatmak çärelerini geçirmek boýunça zerurlyklaryny anyklamak işi geçirildi*** | Taslamany durmuşa geçirmegiň gidişi barada hasabat | ýok | 2022 | hawa | Taslamanyň öňe gidişi barada hasabat |

# VI. GÖZEGÇILIK ETMEK WE BAHA BERMEK

BMGÖM-niň kadalaryna we proseduralaryna görä taslamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik aşakdaky monitoring we baha beriş meýilnamalaryna laýyklykda amala aşyrylar:

## MONITORINGIŇ MEÝILNAMASY

| Monitoring boýunça işler | Maksat | Ýygylygy | Garaşylýan hereketler | Hyzmatdaşlar (bilelikde ýerine ýetirilende) | Çykdajylar (bar bolan ýagdaýynda) |
|---|---|---|---|---|---|
| **Netijelere ýetmekligi yzarlamak** | Netijeler we çeşmeler matrisasyndaky netijeleriň görkezijileri bilen deňeşdirmede işleriň gidişi baradaky maglumatlar ýygnalyp, ylalaşylan wezipeleriň ýerine ýetirilişi nukdaýnazaryndan taslamanyň gidişine baha bermek üçin seljeriler. | Iň azyndan her çärýekde | Durmuşa geçirişde ilerleýiş meýilleşdirilenden has haýal bolanda, taslamanyň ýolbaşçylary bu meseläni çözer. | | |
| **Töwekgelçiliklere gözegçilik etmek we olary dolandyrmak** | Meýilleşdirilen netijeleriň gazanylmagyna howp saljak anyk töwekgelçilikleri kesgitlemek. Töwekgelçilikler gündeligini ulanyp, töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça hereketleri anyklamak we olara gözegçilik etmek. Munuň özi BMGÖM-niň durmuş we daşky gurşaw standartlaryna laýyklykda talap edilip bilinjek çäreleri we gözegçilik | Iň azyndan her çärýekde | Töwekgelçilikler taslamanyň ýolbaşçylary tarapyndan anyklanýar, we töwekgelçiligi dolandyrmak üçin çäreler görülýär. Ýüze çykarylan töwekgelçilikleri we | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | meýilnamalaryny öz içine alýar. Audit BMGÖM-niň maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak üçin audit syýasatyna laýyklykda geçiriler. | | ýerine ýetirilen hereketleri yzarlamak üçin töwekgelçilikler gündeligi hemişe ýöredilýär. | | |
| **Öwrenmek** | Bilimler, öňdebaryjy tejribe we alnan sapaklar yzygiderli ýygnalar, şeýle hem beýleki taslamalardan we beýleki hyzmatdaşlardan işjeň alnar we taslama goşular. | Iň azyndan her ýyl | Degişli netijeler taslama topary tarapyndan çykarylýar we dolandyryş kararlaryny kabul etmek üçin ulanylýar. | | |
| **Taslamanyň hilini kepillendirmek** | Taslamanyň hili, taslamanyň güýçli we gowşak taraplaryny ýüze çykarmak we taslamany gowulandyrmak maksady bilen dolandyryş kararlaryny kabul etmek üçin, BMGÖM-niň hil standartlaryna laýyklykda bahalandyrylar. | Iki ýylda bir gezek | Taslamanyň güýçli we gowşak taraplary taslamanyň ýolbaşçylary tarapyndan seljeriler we taslamanyň täsirliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen kararlary esaslandyrmak üçin ulanylar. | | |
| **Gözden geçirmek we düzedişleri girizmek** | Kararlary kabul etmek üçin ähli gözegçilik çäreleriniň netijeleri boýunça görkezijileriň we hakyky maglumatlaryň içerki derňewi. | Iň azyndan her ýyl | Netijelilik, töwekgelçilikler, alnan sapaklar we hil barada maglumatlar taslamanyň geňeşi | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylar we taslama düzedişleri girizmek üçin ulanylar. | | |
| **Taslama boýunça hasabat** | Işleriň gidişi baradaky hasabat TUG-a (Taslamanyň Utgaşdyryjy Geňeşine) we esasy gyzyklanýan taraplara hödürlener. Hasabat wezipeler derejesinde öňünden kesgitlenen ýyllyk maksatlar bilen deňeşdirilende gazanylan netijeleri görkezýän, taslamanyň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlardan, taslamanyň hil reýtingi barada ýyllyk maglumatlardan, oňaýsyz netijeleriň täsirini peseltmek boýunça çäreler görkezilen täzelenen töwekgelçilikler gündeliginden we hasabat ýylynyň dowamynda taýýarlanan islendik baha beriş ýa-da gözden geçiriş hakynda hasabatlardan ybarat bolar. | Her ýyl we taslamanyň soňunda (jemleýji hasabat) | | | |
| **Taslamany gözden geçirmek (Taslamanyň Utgaşdyryjy Geňeşi (TUG)** | Taslamany dolandyrmagyň mehanizmi (ýagny TUG), taslamanyň netijeliligine baha bermek üçin oňa yzygiderli syn eder we büjetiň taslamanyň durmuşa geçirilýän bütin | Iň azyndan her ýyl | TUG islendik hil meselelerini ýa-da işleriň garaşylýandan has haýal gidişini ara alyp maslahatlaşmaly, | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | döwründe hakykata laýyk bolmagyny üpjün etmek üçin köp ýyllyk iş meýilnamasyny gözden geçirer. Taslamany durmuşa geçirmegiň soňky ýylynda TUG öwrenilen sapaklary bellemek we degişli diňleýjiler bilen taslamanyň netijelerini giňeltmegiň we umumylaşdyrmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak üçin taslama ahyrky syny geçirmeli. | | we ýolbaşçylaryň hereketleri ýüze çykarylan meseleleri çözmek üçin ylalaşylmalydyr. | | |

## VII. 2023-NJI ÝYLLAR ÜÇIN IŞ MEÝILNAMASY

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | MEÝILLEŞDIRILEN ÇÄRELER | MÖHLETLER | | | | JOGAP KÄR TARAP | MEÝILLEŞDIRILEN BÜJET | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 2023 ýylyň I çärýegi | 2023 ýylyň II çärýegi | 2023 ýylyň III çärýegi | 2023 ýylyň IV çärýegi | | Maliýeleşdirmegiň çeşmesi | Büjetiň beýany | Jemi (ABŞ-nyň dollarynda) |
| ***Netije 1: Ministrligiň institusional mümkinçilikleri sanlylaşdyrma amallary arkaly berkidildi*** | 1.1. Söwda we daşary ykdysady işi barada habarlary we maglumatlary seljermek prosesine syny geçirmek, şeýle hem Ministrligi "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" portalyna birikdirmek üçin sanly seljeriş platformasyny döretmek we ornaşdyrmak. | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň hökümeti | 71300 Milli bilermen | 22,754 |
| | | | | | | | | 72400 MAT satyn alyş (programma üpjünçiligi) | 5,000 |
| | 1.2. Sanlylaşdyrmak prosesiniň netijeliligini gazanmak üçin ministrligiň enjamlar bilen üpjünlik zerurlygyny anyklaýyş | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň hökümeti | 72400 MAT satyn alyş (enjam üpjünçiligi) | 100,000 |

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | MEÝILLEŞDIRILEN ÇÄRELER | MÖHLETLER | | | | JOGAP KÄR TARAP | MEÝILLEŞDIRILEN BÜJET | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 2023 ýylyň I çärýegi | 2023 ýylyň II çärýegi | 2023 ýylyň III çärýegi | 2023 ýylyň IV çärýegi | | Maliýeleşdirmegiň çeşmesi | Büjetiň beýany | Jemi (ABŞ-nyň dollarynda) |
| | işini, şol sanda Ministrligiň işgärleriniň başarjaňlyklaryny artdyrmak üçin mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen uzak aralykdan okatmak çärelerini geçirmek boýunça zerurlyklaryny anyklaýyş işini geçirmek we satyn alyşy guramak. | | | | | | | 71300 Milli bilermen | 3,000 |
| | **Netije 1 boýunça jemi:** | | | | | | | | **130,754** |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | | | 71500 | **9,153** |
| | **JEMI Netije 1 boýunça, 7% möçberindäki administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | | | | **139,907** |
| ***Taslamany dolandyrmak*** | Taslamanyň işgärleriniň zähmet haky | | | | | BMGÖM | | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň | 13,070 |

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | MEÝILLEŞDIRILEN ÇÄRELER | MÖHLETLER | | | | JOGAP KÄR TARAP | MEÝILLEŞDIRILEN BÜJET | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 2023 ýylyň I çärýegi | 2023 ýylyň II çärýegi | 2023 ýylyň III çärýegi | 2023 ýylyň IV çärýegi | | Maliýeleşdirmegiň çeşmesi | Büjetiň beýany | Jemi (ABŞ-nyň dollarynda) |
| | | | | | | | Türkmenistanyň hökümeti | dolandyryjysy - 50% x 12 aý) | |
| | | | | | | | | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň kömekçisi - 20% x 12 aý) | 2,840 |
| | Aragatnaşyk we internet | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň hökümeti | 72400 Arabaglanyşyk hyzmatlary, aragatnaşyk serişdeleri | 5,040 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amaly çykdajylar | 2,021 |
| | **Jemi, Taslamany dolandyrmak boýunça:** | | | | | | | | **22,971** |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | | | 71500 | **1,607.97** |
| | **Jemi Taslamany dolandyrmak boýunça, 7% möçberindäki administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | | | | **24,579** |

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | MEÝILLEŞDIRILEN ÇÄRELER | MÖHLETLER | | | | JOGAP KÄR TARAP | MEÝILLEŞDIRILEN BÜJET | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 2023 ýylyň I çärýegi | 2023 ýylyň II çärýegi | 2023 ýylyň III çärýegi | 2023 ýylyň IV çärýegi | | Maliýeleşdirmegiň çeşmesi | Büjetiň beýany | Jemi (ABŞ-nyň dollarynda) |
| | | | | | | | | | |
| **JEMI** | | | | | | | | | **164,486** |

## VIII. ÝOLBAŞÇYLYK WE DOLANDYRYŞ MEHANIZMLERI

Taslama BMGÖM-niň düzgünlerine we amallaryna laýyklykda **BMGÖM-niň ýurt edarasynyň goldawy bilen milli ýerine ýetiriş** tertibinde durmuşa geçiriler. Milli ýerine ýetiriji hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi çykyş edýär. Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi taslama işleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegi, gazanylan netijeleriň durnuklylygy üçin jogapkär bolar, şeýle hem taslamanyň netijeleri barada Türkmenistanyň beýleki döwlet edaralaryna hasabat berer. Milli ýerine ýetiriji hyzmatdaş taslamanyň uzak möhletli netijeleriniň Türkmenistanyň strategik resminamalarynda beýan edilen ösüş maksatlaryna laýyk gelmegini üpjün etmek üçin jogapkärdir.

Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi uly wezipeli işgärini Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň adyndan taslamanyň durmuşa geçirilmegine jogapkär boljak Taslamanyň Milli Utgaşdyryjysy (TMU) hökmünde belleýär. Taslamanyň başlangyç tapgyrynda BMGÖM bilen Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi Taslamanyň Utgaşdyryjy Geňeşiniň (TUG) kadalaşdyryjy resminamalaryny, şol sanda agzalarynyň sanawyny we iş düzgünlerini bilelikde işläp taýýarlaýarlar. TUG taslama boýunça ylalaşyklyga esaslanýan dolandyryş kararlaryny kabul etmek üçin jogapkärçilik çekýär. TUG taslamany strategik taýdan dolandyrmagyň esasy subýekti bolup durýar. TUG taslamany durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin ýylda azyndan iki gezek ýygnanar. TMU TUG-niň başlygydyr. TUG-niň ses berme hukukly agzalary Milli ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň, BMGÖM-niň we donoryň wekilleri bolup durýar. TUG-a gatnaşmaga beýleki gyzyklanýan taraplaryň wekilleri synçy hökmünde çagyrylyp bilner.

Taslamanyň ýolbaşçysy TUG-niň ýerine ýetiriji kätibi bolup, ses hukugy bolmazdan TUG-niň agzasy hökmünde ýygnaklara gatnaşýar we TUG-niň ýygnagyny taýýarlamaga we ýygnaklaryň teswirnamalaryny ýöretmäge jogapkärdir.

Taslamanyň netijeleri üçin BMGÖM-niň hökmany jogapkärçiligini üpjün etmek maksady bilen, TUG-niň kararlary bahanyň hile bolan iň gowy gatnaşygyny, adalatlylygy, bütewiligi, aýanlygy we netijeli bäsdeşligi muňa goşmak bilen, ösüşiň netijelerini gazanmak üçin oýlanyşykly dolandyryşy üpjün edýän standartlara laýyklykda kabul ediler.

TUG üçin has jikme-jik tehniki tabşyryk bu Taslama resminamasynyň 4-nji goşundysynda berilýär.

Taslamanyň BMGÖM tarapyndan strategiki dolandyryş derejesini BMGÖM-niň Türkmenistandaky ýurt edarasy üpjün edýär. Bu derejede taslamanyň uzak möhletli netijeleriniň Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasyna, Durnukly Ösüş Maksatlaryna (DÖM) we BMGÖM-niň 2021-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistan üçin ýurt maksatnamasynyň Resminamasyna laýyk gelmegi üpjün edilýär.

Amaly dolandyryşyň esasy derejesi – Taslamanyň dolandyryjysy. Taslama topary Taslamanyň dolandyryjysyndan we Taslamanyň kömekçisinden ybarat bolup durýar.

Çäkli ugurly wezipeleri ýerine ýetirmek, zerur bilermenligi üpjün etmek we taslamanyň netijeliligini artdyrmak üçin halkara we milli bilermenler çekiler. Gysga möhletli maslahatçylaryň hakyna tutulmagy, BMGÖM-niň tertiplerine laýyklykda amala aşyrylar.

Taslamanyň çäginde alnan emlägiň geçirilmegi taslama tamamlanandan soň BMGÖM-niň düzgünlerine we tertiplerine görä TUG-niň kararyna laýyklykda amala aşyrylar.

***Taslamanyň guramaçylyk taýdan gurluşy:***



## IX. HUKUK ÇARÇUWASY

Bu resminama, 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Türkmenistanyň hökümeti bilen BMGÖM-niň arasynda gol çekilen Ýardam Bermek hakyndaky Standart esasy ylalaşygynyň (ÝBSEY) 1-nji maddasynda salgylanan resminama bolup durýar, ÝBSEY-daky "Ýerine ýetiriji agentlige" degişli salgylanmalaryň ählisi "Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşa" salgylanma hökmünde okalmaly.

Bu taslama, bahanyň hile bolan amatly gatnaşygyny, adalatlylygy, ak ýürekliligi, aýanlygy we täsirli halkara bäsdeşligi üpjün etmek maksady bilen, BMGÖM-niň goldaw bermekliginde, BMGÖM-niň Maliýe düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda "Ýerine ýetiriji hyzmatdaş" bolan Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi tarapyndan durmuşa geçiriler. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş maliýe dolandyryş ugrunda bahanyň hile bolan amatly gatnaşygyny, adalatlylygy, ak ýürekliligi, aýanlygy we täsirli halkara bäsdeşligi üpjün etmek üçin zerur şertleri döretmedik ýagdaýynda, BMGÖM-niň maliýe dolandyryş ýörelgeleri ulanylmaly.

## X. TÖWEKGELÇILIKLERI DOLANDYRMAK

1. ÝBSEY-nyň III maddasyna laýyklykda, hem Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň, hem-de onuň işgärleriniň we emläginiň, şeýle hem BMGÖM-niň Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň gözegçiligindäki emläkleriniň howpsuzlygy üçin jogapkärçilik Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa ýüklenýär. Şunuň bilen baglylykda, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş aşakdakylary etmäge borçludyr:

a) taslamanyň durmuşa geçirilýän ýurtdaky howpsuzlyk ýagdaýyny göz öňünde tutup, degişli howpsuzlyk meýilnamasyny işe girizmeli we howpsuzlyk meýilnamasyny goldamaly;

b) Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň howpsuzlygy bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleri we borçnamalary we howpsuzlyk meýilnamasynyň doly durmuşa geçirilmegini öz üstüne almaly.

2. BMGÖM şeýle meýilnamanyň barlygyny ýerinde barlamak we, zerur bolan halatynda, meýilnama üýtgetmeleri girizmekligi teklip etmek hukugyny özünde saklaýar. Talaplara laýyklykda degişli howpsuzlyk meýilnamasyny goldamagy we durmuşa geçirmegi başarmazlyk Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň bu Taslama resminamasy boýunça borçnamalarynyň bozulmagy hasaplanýar.

3. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş Taslama resminamasy bilen baglanyşykly alnan BMGÖM-niň hiç bir serişdesiniň terrorçylyk hereketleri bilen bagly aýratyn

şahslary ýa-da guramalary goldamak üçin ulanylmazlygyny, BMGÖM tarapyndan şu Ylalaşyga laýyklykda berlen islendik pullary alyjylarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň Birleşdirilen sanksiýalar sanawynda ýokdugyny we Taslama resminamasy bilen baglanyşykly alnan BMGÖM-niň hiç bir serişdesiniň bikanun ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagynda ulanylmazlygyny kepillendirmek üçin ähli zerur tagallalary etmeklige ylalaşýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň Birleşdirilen sanksiýalar sanawy şu aşakdaky salgydan alnyp bilner: https://www.un.org/securitycouncil/content/un-sc-consolidated-list

4. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş BMGÖM-niň Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we jogapkär taraplarynyň her biri, degişli kömekçi alyjylar hem-de taslamany durmuşa geçirmäge potratçylar ýa-da kömekçi potratçylar hökmünde gatnaşýan beýleki guramalar, olaryň işgärleri, Taslama resminamasyna laýyklykda olara hyzmat edýän islendik şahs tarapyndan haýsydyr bir şahsa ýetirilýän jynsy taýdan mejbur etmelere, jynsy ekspluatasiýa we masgaralamalara ýol bermejekdigini kabul edýär we ylalaşýar.

a) Taslamanyň bu Resminamasyna laýyklykda çäreler durmuşa geçirilýän wagty Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň ýokarda agzalan her bir jogapkär tarapy Baş sekreterynyň 09.10.2003 ý. senesindäki "Jynsy ekspluatasiýadan we jynsy masgaralamadan goramak boýunça ýörite çäreler" (JEJMGBÝÇ) hakyndaky ST/SGB/2003/13 belgili Habarnamasynda beýan edilen özüňi alyp barmagyň standartlaryny berjaý etmeli.

b) Mundan başga-da, Taslamanyň bu Resminamasynyň çäginde işler geçirilende, bu Taslama resminamasyna laýyklykda çäreleriň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly beýleki düzgünnamalaryň, kadalaryň, çäreleriň we amallaryň ulanylmagyny çäklendirmezden, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň ýokarda agzalan hiç bir jogapkär tarapy jynsy mejbur edilmäniň hiç bir görnüşine (JME) sezewar bolmaly däldir. JM, göwne degme ýa-da kemsitme ýaly akyla laýyk şekilde garaşmaga ýa-da kabul etmäge esas bolan, işe gatyşýan, işe ýerleşdirmekligiň şerti bolýan ýa-da gorkuzyjy, duşmançylykly ýa-da göwne degiji iş ýagdaýyny emele getirýän haýsydyr bir halanmaýan, jynsy häsiýetli hereket diýlip kesgitlenýär. Bu iş ýerinde ýa-da iş bilen baglanyşykly bolup biler. Adatça bu özüňi alyp barşyň belli bir görnüşi bilen baglanyşykly bolsa-da, JM aýratyn ýeke hadysanyň görnüşinde bolup biler. Garaşylýanlaryň ýa-da duýulýanlaryň esaslylygyna baha berlende, özüňi alyp barşyň obýekti bolan şahsyň nukdaýnazary hasaba alynmalydyr.

5. a) Şu Taslama resminamasyna laýyklykda işler geçirilende, netijeli öňüni alyş we derňew çärelerini görmek maksady bilen, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş (öz işi babatynda) iň esasy standartlara we amallara eýermeli, şeýle hem özüniň 4-nji maddada agzalan kömekçi taraplaryndan (olaryň işi babatynda) iň esasy

standartlarynyň we amallarynyň bolmagyny ýa-da şeýle standartlary we amallary işläp taýýarlamak we/ýa-da kämilleşdirmek meýilnamalarynyň bolmagyny talap etmeli. Olar jynsy mejbur etmä, ekspluatasiýa we masgaralamaklyga degişli syýasaty; üstüni açmaga/repressiýalardan goramak bilen bagly syýasaty; we arz-şikaýat etmegiň, düzgün-nyzam temmileriň we derňewleriň mehanizmlerini öz içine almalydyr. Şuňa laýyklykda, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş aşakdakylary berjaý etmek üçin ähli zerur çäreleri görer we şeýle kömekçi taraplardan hem şony talap eder:

i. Işgärlerine, wekillerine ýa-da bu Taslama resminamasyna laýyklykda islendik hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin hakyna tutulan islendik başga şahslara JME (jynsy mejbur etme) ýa-da JEweJM (jynsy ekspluatasiýa we jynsy masgaralama) bilen meşgullanmaklaryny gadagan etmek;
ii. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň 4-nji maddada agzalyp geçilen kömekçi hyzmatdaşlaryň şeýle mümkinçiligi bolan ýagdaýynda işgärlerine we olar bilen bagly işgärler düzümine JME-niň ýa-da JEweJM-niň öňüni almagyň we olara baş galdyrmagyň meseleleri boýunça okuwy hödürler, eger-de Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň kömekçi hyzmatdaşlary JME-niň ýa-da JEweJM-niň öňüni almak boýunça öz okuwyny geçirmeýän bolsa, onda olar BMGÖM-de bar bolan okuw materiallaryny ulanyp bilerler;
iii. Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa we onuň 4-nji maddada agzalan kömekçi hyzmatdaşlaryna habar berlen ýa-da başga usulda duýdurylan JME ýa-da JEweJM baradaky beýanlary we olaryň ýagdaýyny habar bermek we olary ýazarlamak;
iv. JME-den ýa-da JEweJM-den ejir çekenleri howpsuz we gizlin ýardamy almaklary ugrunda gönükdirmek; we
v. JME ýa-da JEweJM bilen bagly derňewleri geçirmek üçin ýeterlik derejede ygtybarly bolan islendik beýanlary çalt we gizlin ýagdaýda hasaba almak we derňemek. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş Taslama resminamasyna laýyklykda işler bilen baglylykda alnan şeýle arzalar we özi ýa-da 4-nji maddada agzalan kömekçi hyzmatdaşlarynyň haýsydyr biri tarapyndan geçirilýän derňewler hakynda BMGÖM-e habar berýär we, şeýle taraplaryň islendiginiň geçirýän derňewiniň barşynda şeýle habarnamanyň (i) derňewiň geçirilmegini, şol sanda, hususan hem, adamlaryň goragyny we howpsuzlygyny howp astynda goýmaýan çäklerde we/ýa-da (ii) oňa degişlilikde ulanylyp bilinýän kanunçylyga garşy gelmeýän çäklerde BMGÖM-e bildirýär. Derňew geçirilenden soň, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş derňew bilen baglylykda özi ýa-da beýleki islendik bölümçe tarapyndan ýerine ýetirilen haýsydyr bir hereketler barada BMGÖM-e habar berýär.

b) Ýerine ýetiriji hyzmatdaş, BMGÖM-niň ýa-da onuň adyndan hereket edýän bir tarapyň şeýle tassyklamany bermek hakyndaky haýyşy boýunça, BMGÖM-i kanagatlandyrmak bilen ýokarda agzalyp geçilenleri ýerine ýetirendigini tassyklamaly. Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň we onuň 4-nji maddada görkezilen taraplarynyň her biriniň ýokarda beýan edilenleri BMGÖM-niň kesgitlän

görnüşinde ýerine ýetirmezligi Taslamany wagtlaýyn saklamak ýa-da ýatyrmak üçin sebäp hasaplanýar.

6. Durmuş we ekologik durnuklylyk BMGÖM-niň Durmuş we ekologik standartlaryny (http://www.undp.org/ses) we olar bilen baglanyşykly hasabatlylyk mehanizmini (http://www.undp.org/secu-srm) ulanmagyň hasabyna ýokarlandyrylar.

7. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş şulary etmäge borçludyr: (a) Taslama we maksatnama bilen baglanyşykly işleri BMGÖM-niň Durmuş we ekologik standartlaryna laýyklykda amala aşyrmaga, (b) taslama ýa-da maksatnama üçin taýýarlanan dolandyryş ýa-da ýaramaz netijeleri azaltmak boýunça islendik meýilnamany şeýle standartlara laýyklykda amala aşyrmaga we (c) Jogapkärçilik mehanizmi arkaly gozgalan islendik meseleleri we şikaýatlary aradan aýyrmaklyga konstruktiw we öz wagtynda gatnaşmaga. BMGÖM jemgyýetleriň we taslamanyň beýleki gyzyklanýan taraplarynyň Hasabatlylygyň mehanizmi barada habarly bolmagyny we oňa elýeterliliginiň bolmagy üçin çalyşar.

8. Şu Taslama resminamasyna gol çeken ähli taraplar maksatnama ýa-da taslama bilen baglanyşykly islendik borçnamalara baha bermek boýunça islendik çäre ýa-da BMGÖM-niň durmuş we ekologik standartlaryna laýyklygy anyklamak boýunça islendik çäre bilen ak ýürekden hyzmatdaşlyk etmeli. Munuň özi taslamanyň obýektlerine, degişli işgärlere, maglumatlara we resminamalara elýeterliligiň berilmegini öz içine alýar.

9. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş taslamany durmuşa geçirende ýa-da BMGÖM-niň serişdelerini ulananda, özüniň wezipeli şahslary, maslahatçylary, jogapkär taraplary, kömekçi potratçylary we kömekçi alyjylary tarapyndan serişdelerden hyýanatçylykly peýdalanmagyň, kezzapçylygyň ýa-da korrupsiýanyň öňüni almak üçin degişli hereketleri etmäge girişer.

10. BMGÖM, bu Taslama resminamasynyň çäklerinde çäreler amala aşyrylanda BMGÖM-niň şol pursatda hereket edýän bikanun ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna garşy hereket etmek hakynda kanunynyň ýörelgelerine, bikanun ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreş ugrundaky syýasatyna laýyklygy üpjün etmek üçin, Ýerine ýetiriji özüniň kanunlaryny, düzgünlerini we tertiplerini, şeýle hem bikanun ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygy maliýeleşdirmäge garşy ulanylýan halkara kanunlary ulanmagy üçin, akyla laýyk çäklerde Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa bil baglaýar.

11. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş, onuň maliýe dolandyryş, korrupsiýa garşy göreş, kezzapçylyga we bikanun ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna

garşy göreş, şeýle hem terrorçylygy maliýeleşdirmäge garşy hereket etmek syýasatynyň ornaşdyrylmagyny we BMGÖM-den alnan ähli serişdeler babatynda ulanylmagyny üpjün eder.

12. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş babatyndaTaslama resminamasyna gol çekilen pursatynda hereket edýän aşakdaky resminamalaryň talaplary ulanylýar: (a) BMGÖM-nyň kezzapçylyk we beýleki korrupsiýa hereketleri babatyndaky syýasaty; we (b) BMGÖM-iň Audit we derňewler müdiriýetiniň derňew boýunça ugrukdyryjy ýörelgeleri. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş şu Taslama resminamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýan we internetde www.undp.org salgysy boýunça elýeterli bolan ýokarda görkezilen resminamalaryň talaplary bilen ylalaşýar.

13. Derňew geçirmek zerur bolan ýagdaýynda BMGÖM, BMGÖM-iň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň islendik jähtlerine degişli derňewleri BMGÖM-niň düzgünnamalaryna, kadalaryna, syýasatyna we amallaryna laýyklykda geçirmäge borçlanýar. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş özüniň doly derejede hyzmatdaşlygyny, şol sanda derňewiň maksatlary üçin talap edilip bilinjek, akyla laýyk möhletlerde we şertlerde işgärleriň, degişli resminamalaryň berilmegini we Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň (we onuň maslahatçylarynyň, jogapkär taraplarynyň, kömekçi potratçylarynyň we kömekçi alyjylarynyň) jaýlaryna girmek ygtyýarynyň berilmegini üpjün etmeli. Şu borçnamany ýerine ýetirmekde çäklendirmeler bolan ýagdaýynda, BMGÖM çözgüdi gözlemek üçin Ýerine ýetiriji hyzmatdaş bilen maslahatlaşmalydyr.

14. Şu Taslama resminamasyna gol çeken taraplar serişdeleriň talabalaýyk ulanylmazlygynyň islendik hadysalaryny, ýa-da kezzapçylyk ýa-da korrupsiýa barada ynama mynasyp bolan habarlary, gizlinligiň talabalaýyk berjaý edilmegi bilen, haýal etmän biri-birine bildirerler. Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa BMGÖM taslamasynyň ýa-da işiniň dolulygyna ýa-da bölekleýin çaklanylýan kezzapçylyk / korrupsiýa babatyndaky derňewiň närsesi bolup durýanlygy mälim bolan halatynda, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş bu barada BMGÖM-niň Hemişelik wekiline / Ofisiň ýolbaşçysyna habar bermeli, ol hem öz gezeginde, BMGÖM-niň Audit we derňewler boýunça müdiriýetine (ADM) haýal etmän habar bermeli. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş BMGÖM-niň ýurtdaky ýolbaşçysyna we ADM-ni derňewiň gidişi we onuň bilen baglanyşykly hereketler barada täzelenen habarlary yzygiderli berip durmaly.

15. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş, bu ulanylyp bilinjek ýagdaýlarda, şu Taslama resminamasynyň mowzugy bolup durýan çäreler üçin niýetlenen serişdelerden doly ýa-da bölekleýin maliýeleşdirmäni üpjün edýän BMGÖM donorlarynyň (şol sanda Hökümetiň) BMGÖM-niň kesgitlemegine görä bellenen maksatlar üçin peýdlanylmadyk, şol sanda galplyk ýa-da korrupsiýa arkaly, ýa-da şu

Taslama resminamasynyň düzgünlerine we şertlerine laýyk gelmeýän tertipde tölenen islendik serişdeleriň öwezini dolmak üçin Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa ýüz tutup biljekdigi bilen ylalaşýar.

16. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş tarapyndan şu Taslama resminamasy bilen baglanyşykda resmileşdirilen her bir şertnamalarda, saýlap almak prosesi bilen baglanyşykly ýa-da şertnama ýerine ýetirilen wagtda teklipde görkezilenlerden başga tölegleriň, sylaglaryň, öwezlik tölegleriniň, arzanladyşlaryň, sowgatlaryň, komissiýalaryň ýa-da beýleki tölegleriň berilmändigi, alynmandygy ýa-da hödürlenmändigi, şeýle hem Ýerine ýetiriji hyzmatdaşdan serişdeleri alyjynyň töleg edilenden soň islendik derňewde we barlagda hyzmatdaşlyk etmäge borçlanýandygy hakyndaky düzgün bolmalydyr.

17. BMGÖM degişli milli edaralara taslama bilen baglanyşykly bikanun hereketler babatynda ýüz tutan halatynda, hökümet degişli milli edaralaryň şol bir düzgün bozmalary işjeň derňemeklerini we bikanun hereketlere gatnaşandygy ýüze çykarylan ähli şahslara garşy degişli hukuk çäreleri görmeklerini, zyýanyň töledilmegini we yzyna alnan ähli serişdeleriň BMGÖM-e gaýtaryp bermeklerini üpjün eder.

18. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş "Töwekgelçilikleri dolandyrmak" diýlip atlandyrylýan şu bölümde sanalyp geçilen onuň ähli borçnamalarynyň her bir jogapkär tarapa, kömekçi potratça we kömekçi alyja geçirilmegini we şu bölümiň "Töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça standart düzgünler" diýlip atlandyrylýan ähli düzgünleriniň degişli üýtgetmeleri bilen ähli kömekçi potratçy şertnamalaryna ýa-da şu Taslama resminamasy bilen baglanyşykly geljekde baglaşyljak kömekçi ylalaşyklara girizilmegini üpjün etmelidir.